Aganyýaz  Sammyýew

# GOŞGULAR

2007

**Aganyýaz Sammyýew. Goşgular. – 2007 - 40s.**

Ýaş we zehinli şahyr, aramyzdan juda ir giden Aganyýaz Sammyýew yzynda özüniň gaty çakli döredijilik mirasyny galdyrdy. Onuň bu çaklaňja kitaba ýerleşdirilen goşgulary az hem bolsa şahyryň çuňňur zehininden,çugdam pikirlerinden habar berýar.

Belki, geljekde bu şygyrlar maşgalasynda we dost ýarlarynda saklanyp galan goşgular bilen üsti ýetirilip, zehinli şahyryň edebi mirasy dikeldilip halk köpçüligine ýetiriler.

© Aganyýaz Sammyýew 2007ý

Goşgular.

# SOŇLANMADYK AÝDYM

Şahyry şahyrdan taputlandyrýan zat onuň kitaplarynyň ady ýa sany däl. Okyjy ilki bilen goşgy setirleriniň gözelligine, akgynlylygyna üns berýär, ýöne ol diňe munuň bilen çäklenmeýär. Eger-de owadan setirleriň aňyrsynda çuň many, öz ýüregine ýakynlyk duýmasa, ol kitaby ikilenç eline almaýar. Okyjylaryň şahyry özüniňki hasap etmegi üçin olar goşgy setirleriniň aňrysynda urup duran ýüregiň gyzgynyny duýmaly.

Şahyryň ýüreginiň urgusy hem okyjylary imrindirip ýa-da serpikdirip bilýär. Okyjyny owadan sözler, dilewarlyk bilen uzak aldamak mümkin däl. Okyjy elmydama, özi muny bilse-bilmese-de, goşgy setirleriniň aňyrsyndan şahsyýet gözleýär. Eger şahyryň şahsyýeti ulu, ýüregi sap bolmasa, okyjy muny iru-giç duýýar we onuň goşgularyndan sowaşýar. Käte büdür-südürräk goşgularyň okyjyny ýylmanak goşgulardan has beter özüne çekmesini-de diňe şunuň bilen düşündirip bolar.

Käte entek ýokary kämillige ýetmedik setirleriň aňyrsynda gyzgyn ýüregiň howry duýulýar, tersine, kämil setirleriň aňyrsynda-da – gedem sowuklyk. Diňe sap ýürekden çykan sözler okyjyny özüne hemişelik bendi edýär. Okyjynyň goşgy setirleriň aňyrsyndaky şahsyýetiň kimdigini bilesi, ony tanasy, oňa bil baglasy gelýär. Owadan setirler, dilewarlyk bilen okyjynyň ynamyny gazanmak başardaýanda-da, bu uzaga gitmeýär. Iru-giç galplygyň üsti açylýar we adamlar owadan setirleriň arkasynda çyn şahyryň däl-de, eýse setir sazlamany, owadan gürlemäni öwrenen hünärmendiň ýatandygyny bilýärler.

Diňe dörediji adamlar däl, eýse okyjylar-da mydama gözlegde. Olar täze şahyry, ýazyjyny özleri üçin ilkinji gezek açmaga höwesek. Kadaly ösýän edebiýatda okyjylar edebiýat meýdanyna gelen ýaş ýazyjy-şahyrlary ilkinji ädimlerinden synlap, döredijiligini yzarlap başlaýarlar. Ýaş şahyryň, ýazyjynyň zehinine irgözinden baha kesmäge çalyşýarlar, ondan şahyr, ýazyjy çykjagyny-çykmajagyny öňünden bilmäge ymtylýarlar.

Onsoň günleriň birinde birdenkä ozal görülmedik, bilinmedik, tanalmadyk bir ýaş zehin orta çykýar. Ol ilkinji ädimden öz dogruçyllygy, ynsaplylygy, ahlaklylygy bilen okyjynyň ünsüni özüne çekýär. Bu edil geljekde aýlawy baglajak bedewiň ilkinji gezek bäsleşige goşulandaky täsin duýgusyny döredýär. Atyň aýak urşundan hemmeler onuň ”hä” diýmän iň şöhratly bedewleriň hataryna goşuljakdygyny görýärler. Onsoň onuň ösüşine aýratyn üns berip ugraýarlar. Tejribeli synçylar ýaş atyň aýak basyşyndan, toýnak kakyşyndan many çykarýarlar, onuň aýlawy baglajak gününe sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar… Ýaş bedew öz geljegine uly umyt döredýär. Birdenkä-de bar güýji bilen çapyp barýn atyň ýürek damary üzülýär…

…Ýaş sazanda ilkinji gezek eli tamdyraly märekäniň öňüne çykýar. Utanjaňlyk bilen birnäçe saz çalýar. Ol tolgunýar, azajyk aljyraýar, özüne agram salýar, şol sebäpden hem kümüş perdeleriň owazy aram-aram agsap gidýär. Ýaş sazandanyň eli perdeden perdä kebelekläp geçse-de, arasynda kümüş perdä degibräk gidýär, şirin owaza artyk notalar goşulýar. Emma sazdan baş çykarýanlar bu çalyp oturanyň iru-giç gaty uly sazanda bolup ýetişjekdigine onuň tamdyrany tutuşyndan, şelpe kakyşyndan aňyp otyrlar. Ýaş sazanda günbe-günden kämilleşip barýar, onuň sazy adamlary imrindirýär. Birdenem ol märekäniň gözünden hemişelik gaýyp bolýar… Duýdansyz gelen ajal ýap-ýaňyja

parlap asmana galyp ugran algyr guşuň ganatlaryny gyrýar. Sazandanyň iň gowy, iň kämil sazlary çalynman galýar…

Ýaş şahyr Aganyýaz Sammyýewiň goşgularyny okanymda meniň gözlerimiň öňünde hut şeýle gussaly görnüşler janlanýar. Al-asmana galkyp barýan algyr guşuň ganatlarynyň duýdansyz gyrlyşy dek, Aganyýazyň hem döredijiligi öz enaýy ugruny ýaňy belli edende, birdenkä ömri üzülýär. Ol edil çapyp barýarka ýüreginiň damary üzülen bedew kimin, duýdansyz gelen ajal sebäpli bu dünýäden biwagt ötýär.

Aganyýaz neressäniň goşgularyny okanymda meni bir zat haýran edýär: ol gije-gündiz il-ulus, dogduk toprak hem özi hakda oýlanyp gezipdir. Onuň her setirinde ýaşaýşyň baky soraglaryna jogap agtarylýar. Ol ýaşaýyşyň iň inçe syrlaryny açmaga, olary şahyrana beýan etmäge ymtylypdyr, öz döwrüni ähli oňatlyklary hem ýetmezleri bilen dolulygyna akyl eleginden geçirmäge çalşypdyr. Ýaş şahyryň küýi-köçesi adamzat durmuşynyň ebedi meseleleri bolupdyr. Ol ile däl-de, ilki bilen hut özüne sabyr-takady hem kiçigöwünliligi ündäp, şeýle diýýär:

Hem-ä ýanyp, hemem hiç kimi ýakman,

Gezip bilen adam çyragdyr hökman.

Ýokaryk dyzama, ýan-da, şugla saç,

Goýmazlar çyrany ýokaryk dakman

Ol "men gowy iş etdim, şonuň üçinem siz meni hökman depäňize götermeli" diýen pikirden daş duruň, gowy iş etseňiz, il-halk muny hökman görer, gadryňyz hem bilner diýýär.

Aganyýazyň goşgularynda “men watanymy söýýän” diýen ýaly gönümel setirler ýok. Hakyky söýgini poeziýada beýle gönümel aňladybam bolmaz. Şahyryň öz il-ýurduna bolan söýgüsi eserleriniň süňňünden gelip çykmaly, diňe şonda ol okyjyny ynandyryp biler. Öz ýurduna garaýşy hakda gönüläp hiç zat diýmese-de, Aganyýazyň her setirinde dogduk topraga gyzgyn mähir duýulýar. Sebäbi diňe il-ýurduny tüýs ýürekden söýen kişi özi hem dogduk ili, döwri, gündelik durmuş hakda çynlakaý oýlanyp, dogruçyl pikirleri orta atyp biler. Ol pikirleri sagdyndan inçe duýga ýugrup goşgy setirlerine geçirmegi-de diňe şahyr ýürek başarar. Diňe sap ýürekli adam il-halkyň göwnüni awlajak dogruçyl hem şahyrana setirleri döredip biler.

Aganyýazyň döwrümiziň iň beýik şahyry Gurbannazar Eziziň poeziýasyny köp okanlygy, ondan tälim alanlygy bildirýär. Belki, şonuň üçindir setirleriniň akgynlylygy, sazlaşygy, pikirleriniň çugdamlygy bilen Aganyýaz iň şowly goşgularynda G.Eziziň äheňine golaýlaşýar.

Yşarat ýetik düşbä,

Gürrüňleşýär öňňeler.

***

Agaç gitse-de köýüp,

Adam ýansa gowlanar.

Bu sadadan ýürege ýakyn äheň türkmen poeziýasynda Gurbannazar Ezizden soň rowaç alypdy. Pikiriň çugdamlygy, äheňiň sagdynlygy, şahyryň pikiriniň aýdyňlygy we şol pikiri okyja nakyl derejesinde gysgadan düşnükli edip ýetirip bilmek öz köklerini Orta asyrlarda ýaşan

we döreden klassyk şahyrlarymyzdan alyp gaýtsa-da, häzirki zaman türkmen poeziýasynda, elbetde, ol ilkinji nobatda G.Eziziň ady bilen baglanyşyklydyr.

Elbetde, ýaş şahyr käte pikirlerini öz saýlap alan derejesinde poeziýa salmakda kynçylyk çekipdir. Zehinli adamyny-da ýaşlykda tejribesizlik kösäp bilýär. Zehiniň hakyky kämillige ýetmegi üçin, elbetde, wagt gerek. Iň ýiti zehinlere-de taplanmak üçin aý-ýyllar gerek, tejribe gerek. Arman, pelek Aganyýaz neressä-de, onuň zehinine maýyl okyjylara-da beýle bagty eçilmändir. Şonuň üçinem käbir goşgularda duşýan gowşaklygyň sebäbi okyja öz-özünden düşnüklidir. Aşakdaky setirlerde biz entek taplanyp ýetişmedik zehiniň önümini görýäris:

Kesel ýaly yokuşýandyr saglygam,
Ýaman ýaly ýokuşýandyr gowlugam.
Bir beýigiň öýne ýa-da gabryna,
Gabat gelseň baryp geç yüz ugruna.

Bu dörtlemede şahyryň näme diýjek bolýany umuman düşnükli, ýöne entek pikir poeziýa derejesine ýeitirilmändir. Öňe sürülýän pikiriň okyja kynçylyksyz ýetmegi üçin dörtlemede kapyýalar-da, sözleriň ýerleşişi-de kämillikden has bärde galypdyr. Dogrusy, “saglyk” we “gowluk” sözleriniň kökleri asla kapyýalaşanok. Şonuň üçinem ýaş şahyr bu sözleriň goşulmalaryny kapyýalaşdyryp oňmaly bolupdyr. Bu bolsa, elbetde, dörtlemäni çeperçilik taýdan gowşadýar. Bu bellik “gabryna”, “ugruna” kapyýalaryna-da degişli. Grammatiki taýdan nädogry ulanylan “öýne” sözi-de okyjyny büdredýär. Umuman, döredijilikde bir aýdyň tendensiýa bar: kämilligi artdygyça, şahyr sözleri grammatiki taýdan ýalňyş ulanmakdan has berk gaça durýar. Sözleri grammatiki taýdan

ýalňyş ýazmagyň hasabyna setirleriň bogun sanyny sazlamak, kapyýa ýasamak, umuman, kämilligiň alamaty däl. Beýle täri ussat ýazyjy-şahyrlar örän seýrek, diňe halys çykalgasyz ýagdaýda ulanýarlar. Uly şahyrlaryň bütin döredijiliginden sözleriň nädogry görnüşde ulanylyşyndan bary-ýogy bäş-üç sany mysal tapyp bolýar. Şahyr kämil boldugyça, onuň dili şonça-da düşnükli we düzüw, grammatiki taýdan dürs bolýar. Sözleri grammatiki taýdan ýalňyşly ulanmak isleseň-islemeseň-de, harsallygy, gyssanmaçlygy ýatladýar.

Gowy ýeri Aganyýazyň goşgularynda bu nogsan kän däl, onuň öz setirlerini sünnälemegi söýendigi, bu meselede wagtyny, ömrüni aýamandygy bildirýär. Ýaş şahyr iň näzik duýgularyny, içki syrlaryny öz goşgularynda beýan etmäge ýykgyn edipdir. Onuňky ýöne bir goşgy ýazmak däl, ol poeziýa arkaly dünýä akyl ýetirmäge synanyşýar. Gowy näme, Erbet näme, Ýagşy näme, Ýaman näme, adamynyň beýik hem pes gylyklary nireden gözbaş alýar – ol şu zatlaryň jogabyny agtarýar. Şonuň üçinem onuň setirleri imrindirýär. Okyjy ol setirleriň şahyr ýüregiň çuňundan çogup çykýandygyny syzýar. Ýaş şahyryň öz gursagynda nähili duýgur, adalatly hem gyzgyn ýüregi göterip ýaşandygyna onuň galdyryp giden uly bolmadyk edebi mirasy bilen içgin tanşanyňda düşünýärsiň. Onuň özi-de kämillik hakda örän kän pikir öwrüpdir, kämilligiň durmuşdaky gymmatyna ol şeýle baha baripdir:

Bir ynsanyň kämillige gelmegin,

Çalyşmaryn dünýäň barja zadyna.

Aganyýaz Sammyýewiň goşgularyny okanyňda geçen asyryň 60-80-nji ýyllar aralygyna dolanan ýaly bolýarsyň. Bu, elbetde, onuň goşgulary köne diýildigi däl. Ýok, ol goşgular täze döwrüň, XXI asyryň önümi.

Ýöne goşgularyň ýürekdeşligi, mylaýym äheňi olary biziň döwrümizden geçen asyryň soňky çärýegindäki döwre golaýlaşdyrýar. Şol döwrüň iň gowy şahyrlarynyň eserlerindäki äheň bilen sazlaşýar.

Öz manysy, pikiriň çugdamlygy boýunça Aganyýazdan türkmen poeziýasynyň iň gowy nusgalaryna deňleşmäge dalaş edýän käbir setirleri mysal almakçy.

Eg başyňy, eý,

Miweli pudak.

Ýogsa miwäň üçin,

Iýersiň taýak.

***

Kimiň mazarynda dileg dilärsiň,

Kimiňem dirisi dilege mätäç

Kim ölükä diri ýaly peýdaly,

Kimi dirikä öli ýaly bialaç.

***

Biriniň-a garny aç,

Biriniňem gözi aç,

Birine-hä çäre bar,

Birine-de ýok alaç.

Şunuň ýaly aforizmleri ýatladýan şowly setirler Aganyýazyň goşgularynyň arasynda onlarça. Bu salykatlylyk, päkizelik, saldamly pikirler onuň döredijiliginiň häsiýetli tarapy. Olardaky ownuk-uşak ýetmezçilkler bolsa diňe şahyryň öz gysga ömründe bar güýji bilen ymtylan kämilligine entek ýetip bilmän, armanly gidenligini ýatladýan kemçiliklerdir.

Aganyýazyň goşgularynda zeýrenç, öz döwrüňden nalamak ýok. Şol bir wagtyň özünde-de ol bu döwrüň nähili agyrdygyny ikileme goşgusynda takyk belläpdir:

Agyr günler, gulçulyk hem kynçylyk,

Derdim kändir, azaldy mümkinçilik.

Agagnyýaz neresse poeziýanyň, hakyky döredijiligiň dogry ýoluna ymykly düşüpdir, şol ýoldan ädim urupdyr, öz topragyna, döwrüne şahyr gözleri bilen garap, gözüniň görýäninden netije çykaryp, ony şahyrana setirlere geçirmegiň hötdesinden gelipdir. Onuň setirleri päkize hem dogruçyl, ol setirleriň aňyrsyndan näzik hem şahyrana ýüregiň sap urgusy eşidilýär. Ýaş şahyryň döredijiligi özboluşly aýdym, arman şol aýdymyň öz ýokary çeküwine ýetmegine biwagt gelen ajal ýol bermedi. Zehinli ýaş şahyrdan öz iline soňlanmadyk aýdym galdy. Şonuň üçinem bu owadan aýdym diýseň gussaly.

## GALAMYMA

Galam sen...
Meni menden alan sen.
Galam sen...
Gamlarymdan gaçyp girýän galaam sen

## MENI

"Gurçuk iýer" diýip süýji dânâni,
Ajy däne erge sapdylar meni.
Zaýalanar duzsuz goýsan nämäni,
Diýip bir şormaňlaý etdiler meni.

"Güneşde, ojakda süýjeýär tagam,
Sen bolsa gögele, turşy hem-de ham"
Diýip, el-aýagmy baglaýyp ykjam,
Yşkyň gazanyna atdylar meni.

Ekin iri bolýar ýekelap çyksaň,
Üzüm kän miwelär pudasaň, çapsaň,
Kömelek dykyzdyr takyrdan tapsaň,
Diýip, gaty ýere ekdiler meni.

***

Bir şahyr dup-dury çeşmejik ýaly,
Biri çylşyrymly keşdejik ýaly,
Biri diňlemäge şeýle ýakymly,
Biri synlamaga şeýle ýakymly.
Ker bilen kör gelip bular hakynda,
Jedel edişmäge, heý, haky barmy?

***

Biri geçmişimiz

beýikdir diýdi.
Buýsandym.
Biri geçmişimiz
pesdir diýdi.
Gynandym.
Biri geçmiş sapak,
Geljegimiz arzuw,
Şu günümiz hak diýdi.
Ynandym.

## EÝ GÖWNÜM

Hormatyňy saklap bilman,
Ýakdym seni, eý göwnüm!
Söygi bilen ekläp bilmän
Ýykdym seni, eý göwnüm!

Ynjalmadyň, ynjalmadyň,
Bir eğlenip dynjalmadyn,
Gögermek ýok sanjylmadan,
Ekdim seni, eý göwnüm !

Duman häzir, yol uzak,
Her ýanym müň bir duzak,
Gelmedi saňa gezek
Ýatdan çykdyň, eý göwnüm!

***

Serimde duman, köňlümde gubar,
Dilimde şikaýat. Aýdyň kim çydar.
Dostlar duşman boldy galmady mydar.
Çyda bilmän ahyr dillendim indi.

Pulsuzlykda gazanç etmä jewaz yok,
Ýalňyz galdym, owazyma owaz yok,
Demigýärin asmanymda howa yok..

Ýandym-söndüm, sowap küllendim indi.

Bu niçik ahwaldyr, düýşmi ýa huşmy,
Bir görseň dostuň köp, bir görseň boşmy,
Eýse dostlugyň bar gadyry aşmy,
Göz ýaşym köp damdy, köllendim indi.

**MOTOSIKLET**

Zamanamyň bedewi.
Senem öwren edebi.
Seyisletman bedeniň,
Mündürmegin gedemi.

**BLOKNODYMA**

Götermäge amatly
Kiçi seniň göwrümiň
Şeýle kiçi bolmakda
Nusgasy bol göwnümiň.

İçin dürden dolsa-da ,
Gabarmady göwrümiň
Bolgun mydama sada,
Nusgasy bol göwnümiň.

***
Gaçanyňdan gowsy ýok,
Göwni ynjyk kişiden,
Gaçanyňdan gowsy ýok,
Senden geçen kişiden,
Geçeniňden gowsy ýok.

Edepsizden uzak dur,
Ol ýoluňda duzakdyr,
Dymanyň ýüzi akdyr,

Öçeniňden gowsy ýok.

Deň eýleme özüňi,
Zaýalama sözüňi,
Hem aýlama gözüňi,
Şo çeniňden gowsy ýok.

## ÝENE-DE ÖZÜMÇE ÝAZYP BAŞLAÝAN...

Eýle ýaz, beýle ýaz diýýärler maňa,
Hemmesini üns bilen diňleýän.
Jan etsem-de güýjüm yetenok oňa,
Olaň isleýşiçe yazyp bilmeýän.

Öz-özümden göwnüm geçip, gamlanyp,
Gazap bilen galamymy taşlaýan.
Bular yatdan çykan güni hiňlenip,
Ýene-de özümçe ýazyp başlaýan.

## ÝANMAK

Goşga nega bir düşýä,
Yşga düşýär hemmeler.
Yşarat yetik düşbä,
Gürrüňleşýär öňňeler.

Gözleriň sözlerini,
Gulak eştse geň görer.
Her kim öz kimdigine,
Düşünaýse möňňürer.

"Ýok, men beýle däl" diýip,
Ýanar, towsar, towlanar.
Agaç gitse-de köýüp,
Adam ýansa gowlanar.

***

Bu saçlar gap-garady,
Agaçlar sap-sarydy,
Çeşmejik dup-durudy,
Suwa girip çyksa -da,
Ýapraklar gup-gurydy.
Geçmişini ýatlan ýar,
Ol ýere köp ugrady,
Ýapraga köp garady,
Oýlandy, suwa girip
gury çykan barada.

## ÖSMEGIN ŞERTI

Gülälek bilinsedi,
Gül bolmanka ýolunardy.
Kömelek bilinsedi,
Ulalmanka alynardy.
Bilinmezlik munda,
Ösmegiň serti.

## DUTAR

Ýapragyndan ýüpek, tar- özünden dutar
Ýasalansoň. Tut öz yapragna duşyar,
Ýöne ýerden däldir bu zaryn owaz,
Balasyn bagryna basansoň joşýar.

## MYRAT JAN

(Goşun gullugynda wepat bolan inim
Gurbanmyradyň ýagty ýadygärligine
bagyşlaýaryn)

Aýdym ýazylypdy Myrat jan diýip,
Menem şeýle aýdym yazmaly boldum.
Gözümden ýaş gitdi, ýaş gitdiň haýp,
Aýralyk oduna dözmeli boldum.

Bilmedik zadyňy sorardyň menden,
İndi bilmedigmi soraýyn men hem,
Dünyäň bilmedigni bilyäň häzir sen,
Sen bilyäň... men diňe syzmaly boldum.
(Goşgy doly däl)

## ÝAGYŞ

Ýagşyň ýagşy ýagşy,
Ýazda ýaýlada.
Joş sen töweregňe
Gözüň aýlada.

Ýagşyň ýagşy ýagşy,
Süllümmaý ezip,
Ol uzadar ýaşy,
Gamlary ýazyp.

## JAN ÝAKAN GEREK

Janyňy ýakmasaň, adam bolma kyn,
Kemçilik ýanynda jan ýakan gerek.
Jennetiň ýoluna gadam salma kyn,
Onuň üçin jany kän ýakan gerek.

Sen ynsan öýtmegil her gep gatany,
Ynsany sözünden sen ýagşy tany,
Gubar gaplamasyn eziz watany,
Bagryny gaýnadyp, gan ýakan gerek.

## "SÖÝGI" SÖZÜNIN DÖREÝŞI

Söygi sözi ýok mahalam,
Söýülendir, öpülendir.
Ýöne o söz öň-owalam,
Öpülende tapylandyr.
Seret: "söýgi" diýjek bolsaň,
Dodak öňe topulandyr.

***

Ylymsyzlar gep aýdar,
Körler ondan köp aýdar,
Onsoň taze nesiller,
Ynsanlyk budur öýder.

Bilenler bir dymmasyn,
Görenler göz ýummasyn.
Ýogsa olar gaçyrar.
Ynsanlygyň gymmatyn.

## BENTLER

Edebe ýat onun her edýan işi,
Edebiýat hakda söz eden bolýar.
Ýeke setrin ýazyp bilmejek kişi,
O ýerni, bu ýerni düzeden bolýar.

***

Gözleri çanak deý—Mähirden doly
Gaşlary ganat deý uçurýar köňlüm.
Zülpleri çeňňek deý ilişýär gözüm,
Gujagy jennet deý ýetmesi ölüm.

***

Durmuşam durşyňa görşüňe bagly,
Görşüňem nämedip yörşüňe bagly.
Durmuşyň zowkundan bihabar kişi
Ýüreği möhürli,gözleri bagly.

***

Meni beýle ýalňyz goýmaklyk näden,
Bize ýaraşmajak oýnaklyk näden?!
Deň-duşuň aç aglap, çaresiz durka,
Gülüşip, nahardan doýmaklyk näden?!

***

Bir gül üçin müň dikene suw berdim,
Bir söz üçin mün warsaka how berdim
Çözmek üçin aradaky towlary,
İşim gyssag, sagadyma tow berdim.

***

Pelek belki derdi-bagty,
Herkime den paýlaýandyr.
İlin bagtly saýýan yigdi,
Gizlin-gizlin aglaýandyr.

***

Kesel ýaly yokuşýandyr saglygam
Ýaman ýaly ýokuşýandyr gowlugam.
Bir beýigiň öýne ýa-da gabryna,
Gabat gelseň baryp geç yüz ugruna.

***

Çydama bagly köp zat bu ýalançyda,
Bagta ýetmek üçin islege çyda...

Ýazmaňy goý, belki, islegdir şu-da,
Ýazaý, diňe, çydap bilmeseň juda.

***

Yşyk küýsemezmi tümlükde barýan,
İlleriň şygryna haýran men, haýran,
Bu gara tümlükde kim bir yş tapsa,
Ähli gözlülere şol gün toý-baýram...

***

Senden sypyp bolanok,
Seni öpüp-de,
Seni yitrip bolanok,
Seni tapyp-da.

***

Göz öňümde salgymmy sen,
Meni teşne sandyňmy sen.
Sende çölüň zalymlygy,
Giňligimi aňdyňmy sen.

***

Dagyň beýikligne bahyllyk edip,
Onuň depesine çykdy-da bulut,
Dagyň beýikligin açyp görkezdi,
Dagyň beýikligin ýaşyrjak bolup.

***

Durmuş deryaň suwdan bolsa,
Başyň seniň çöp-çalamdyr.
Eger sen bir süýtden bolsaň,
Başyňa gaýmak galandyr.

***

Söýgi, sylag, hormat-ruhun şypasy,
Adalatdyr-wyjdanlaryň sapasy,
Olar ýoklugyndan däldir, aslynda,
Sende ýoklugyndan ruhuň jepasy.

***

Bilbil saýramasa, at ýüwürmese
Ene dogurmasa bolmaz bagtyýar.
Ylham gelen wagty ýazaýmaly sen,
Sen ýazmağa teşne, ýazmak saňa ýar.

***

Şübhesiz şygyrýet taňrydandyr,
Akyldan, şekilden anrydandyr,
Akyl takyklamak islär soňundan,
Başda kalbyň ony yaňzydandyr.

***

Bagryma çümen temen
Şygrym tikilýär eken.
Razy aýbymy ýapsa,
Etmese-de bezemen.

***

Bu durmuş durşuňa görşüňe bagly
A görşüň näm edip yörşüňe bagly.
Ýaşaýşyň zowkundan bihabar kişi,
Ýüregi möhürli, gözleri bagly.

***

Hem-ä ýanyp, hemem hiç kimi ýakman,

Gezip bilen adam çyragdyr hökman.
Ýokaryk dyzama, ýan-da, şugla saç,
Goýmazlar çyrany ýokaryk dakman

***

Söýen ýanýar, ýanan yşygyn saçyar
Ylym bize, bakyň, şu syry açyar:
Yşkda gönümellik, dogrulyk gerek,
Yşyk göni çyzyk boýunça geçýär.

***

Ýetişmeli ýetim nesliň dadyna,
Ýanmaly biz bu gün yşkyn oduna,
Bir ynsanyň kämillige gelmegin,
Çalyşmaryn dünyäň barja zadyna.

***

Ölüm diyilýän zat göyä bir uky.
Görersiň mylaýym ýa-da kyn düýşi
Gije gara basmaz hiç bir kişini,
Ak bolsa gündizki eden bar işi...

***

Näge mydam meslikde,
Gezer adam peslikde.
Ele düşen ýaradan,
Ýada düşer Ýaradan.

***

Eg başyňy, eý,
Miweli pudak.
Ýogsa miwäň üçin,
Iýersiň taýak.

***

Çykdygyňça bu daga,
Gözüň düşýär uzaga.
Ýöne arman her zaman,
Dagyň üstleri duman.

***

Kimiň mazarynda dileg dilärsiň,
Kimiňem dirisi dilege mätäç
Kim ölükä diri ýaly peýdaly,
Kimi dirikä öli ýaly bialaç.

***

Biriniň-a garny aç,
Biriniňem gözi aç,
Birine-hä çäre bar,
Biri baky bialaç.

***

Çagla nazar etseň, lagla öwrüler,
Lala nazar etseň, açylar dili.
Birden meni şahyr etmegiň mümkin,
Eger maňa nazar edäýseň weli...

***

Umyt bilen ertirlere garaýas,
Niýetlere ýetilerine garaşyas.
Ertiriňem ýöne öz ertiri bar,
Şu günlere garap bilmän garraýas

***

Neçün ölüp öwlüýä,
Giden kişi öwülýä?!
Öwgi göýa tylla täç,
Oňa ýer ýüzi mätäç...

***

Geçensoň, hemme zat gül ala güllük
Kyn güni ýatlaşdyk, bir sellem güldük.
Şonda biz şu günüň aladasy-da,
Bir gün gülki bolup galjagyn bildik.

***

Ynsanyň daşynda mesele ýokdur,
Çäre tapsak içindäki kesele.
Hak söygä teşnedir, dünýäden dokdur,
Bak kalby syzana, akly kesene.

***

Sagat dili-gylyç, kesip dur ömri,
İşe gyssap, goşaryňdan gysyp dur.
Juk-juklap, baş ýaýkap, berip dur emri,
Asylyp diwardan, ýüzün asyp dur...

***

Goşga düşünen söýer,
Düşünmedik boş diýer.
Saglar geňirgenerler,
Däliler ne hoş diyer.

***

Bular näme oňat setirmidiler?!
Köp gijeler meni ýatyrmadylar.

Nätjek şygra gijäň gylygy ötse,
Okan kişileriň ukusy tutsa.

***

Gör, arylar öz toplaýan balyna,
Çümüp, çykabilmän gidýär ölüme.
Görüp ýörseler-de diri galany,
Ýene-de daşamak bilen öýüne.

***

Saýra bilbil, saýra, saýra sen joş-da,
Unutma sen dünýädäki paýyňy.
Mynasyp taý duşsun saňa durmuşda,
Şahyrlykda tapmasynlar taýymy!

***

Hak söygä ganmasaň ömrüň biderek.
Doýa-doýa ganmak isleýär yürek.
Yşka barmak öňýeteniň işi dal,
Yşky ýanymyza getirýan gerek.

***

Ahmyrym geçmişden uzalan neşder,
Ahymy bütin bu geljegim eşder.
Çilimkeşler harap etse öýkenin,
Bütin ömrün harap eder gamkeşler.

***

Ýazanlary gumlar örtse ölende,
Üstüni çaň basar ölende kitap.
Birinji ölümiňem ajysy kändır,
Ah, ýöne ikinjä bolanok çydap.

***

Edeniň ters bolýar gaharly wagtyň,
Joşsaň bolsa bar zat ozaldan taýýar.
Köp gülen göz ýumup, ýitirse bagtyn,
Köp aglanyň ähli derdi gowzaýar.

***

Täze ýyl gelende wagt geçýär diýip,
Aglamalymydyk, gülmelimidik...
Eýse wagtyň şeyle tiz geçyänini,
Diňe täze ýylda bilmelimidik?!

***

Şygyrýete gaçsyn diýip,
Gysdy belki dünýä meni.
Şänigini açsyn diýip,
Basdy belki dünýä meni.

***

Ýaşlyk günlem tiz geçýäňiz nämüçin.
Wagtyň gymmatyny ýaşkaň bilmek kyn,
Gaty gitse çapyksuwar ýoldaky,
Göwher daşy görüp bilmeyşi deyin,

***

Yşkyňdan yüregim gaýnaýanyny,
Haýranlar galýaryn aňmaýanyňy,
Göreňokmy gaýnap duran çaýnek deý,
aglaýanymy?!

***

Sizem käte-käte ýatlaýaňyzmy?!

Hernä unudaýmaň deňi-duşlarym.
Ýa başga mekdebe gatnaýaňyzmy?
Göremok-la sizi, klasdaşlarym.

***

Gyş gelende geýindiň,
Kalp sowanda üşediň,
Oňa ýyly söz gerek,
Peýdasy ýok düşegiň.

***

Tümlüge Gün bolup dogup bilsedim,
Ýa Aý deý Gün nurun bilsedim serpip,
İň bolmanda çeşme ýaly aý nurun,
Ýaryň owujyna bilsedim ertip

***

Saçagymy näçe bezänem bolsam,
Esasyny tutup duran çörekdir,
Otagymy näçe bezänem bolsam,
Esasyny tutup duran toprakdyr.

***

Güli derman, köki derman,
Tiken çümse etme,arman,
0l seni hassa öýdendir
Özüni-de sançýan lukman.

***

Çagany wagtynda süýtden aýyrsaň,
Çötjeläp-bötjeläp söz gatýar dünýä
(Hatda gapyňdaky maly doýursaň,
Gepläýjek-gepläýjek bolşundan dynýaň).

***

Ýykmak aňsat, gurmak kyn,
Günä aňsat, sogap kyn,
Bir günäňe bir günä,
Bir sogaba on sogap,
Ýazylýandyr şoň üçin.

* * *

Öwürmekçi çagly lagla,
Syrmakçy biz perdeleri.
Syn kylmakçy geçmişime,
Hoş kylmakçy pederleri.

***

Köp syry görkezýär saňa bedeniň
Gör näçe uzyndyr diliňden eliň,
Aýdanyňdan şonça köpräk bolsun,
Edeniň işiň seniň...

***

Biri gazap bilen, biri al bilen,
Biri öýke bilen, biri näz bilen.
Geçmişi elimden aldylar meniň,
Geljegimi welin bermekçi däl men.

## IKILEMELER

Erkiňi berme eliňden.
Syryňy berme diliňden.

***

Ýan, ýan şugla saç her ýana
Nusga bol gözi görýäne.

***

Çyda bu gün, çyda bu gün,
Peýda bolar şu-da bir gün.

***

Hak ýoluna goý bu göwni,
Ýaşa göni, ýöre göni.

***

İlki yşkyň bilen gözüm bagladyň,
Sonra maňa gözsüz diyip agladyň.

***

Mähiri duýmaýanyň kalby ölendir,
Pähimi söýmeýäniň akly ölendir.

***

Bilinden kesensoň owsunjy mary,
Soň gorap bilmedi ol goşa nary.

***

Mährini bereniň mahri artar,
Erkini bereniň erki azalar.

***

Öljekleriň dili asala dönýär,
Miwe-de şoň yaly süýjänsoň tänýär.

***

Ýagşylar ot, ýamanlar at almasyn,
Edebiýat edebe ýat bolmasyn.

***

Agyr günler, gulçulyk hem kynçylyk,
Derdim kändir, azaldy mümkinçilik.

***

Ýeri gazyp geçmişi görşümiz ýaly,
Gögi köwüp geljegmize bakaly.

## ÜÇLEMELER

Asman-jaý gümmezi, topragam-saçak,
Eý, adam ogly! Bir öýde ýaşap,
Neneň bir-birege dogan bolmajak?!

***

Ynamly ur gadamy,
Kynçylyk däl, ol hakda,
Gorky ýykar adamy...

***

Ugrunda jan berjek zadyň bolmasa,
Janyňy bermäge degmeýan zada,
Jany berip ýörsüň bil, eý, boş adam.

***

Dagdan arkaň bolsa-da,
Arkaňdan sil gelmegi,

Mümkindir-how ýogsa-da.

***

Şükür, halkymyzyň şahyry köpdür,
Ylham perişdesi pis yere gelmez,
Şübhesiz, bu halkyň ýüregi päkdir.

***

Wejerany gözüň ýumup ýenýärsiň,
We yaňrany sözsüz dymyp ýeňýärsiň,
Meni-de sen mensiz onup ýeňýärsiň,

***

Sähelçe zatlary edip bahana,
Geliň, söýgi ýaýradalyň jahana,
Aýdyň, başga näm bar munda ynsana?!

***

Agalar, men bu gün Pöwrizä bardym,
Bu gün derman meniň içime däl-de,
Meň özüm dermanyň içine girdim.

***

Gynansak-da bir geleňsiz korrektor,
İň gowy ýerinde ýekeje harpy
Görmän goýýar, neýleseň-de körräkdir.

***

Öň many tapmazdyk, kapyýa köpdi,
İndi söz tapamok beýan edere,
Kalbym täsin-täsin manylar tapdy.

***

Köpden çykmasy hem kalpdan çykmasy kyn,
Görgüsi ýaman goşgujyklaryň -
Ýüreklere girip, çapdan çykmasy kyn.

***

Günäkäri seljereliň
Göribem bir, güjeňlänem,
Maslygam bir, tüpeňlänem.

***

Käteler güýçli men, käte-de hassa,
Kä galam elimde naýzama döner,
Kä bolsa yöredip äkidýän hasam.

***

İki ýüzlüler, gör, nähili özgerýär:
Ýüz berseň, ýüzüňi alýar.
Ýüzüni alsaň, ýüz berýar.

***

Gör nähili meňzeş bu iki gözleg:
Dersleriň içinden çykar kömelek.
Dertleriň içinden tapylar sözler.

***

Öwüp-öwüp üçege çykardyň.
Wezipeden tânensorň,
Döwüp-döwüp püçege çykardyň.

***

Barmagyň bilen,
Ýer dyrma welin.
Boş durma.

***

Gursak,
Bagtly durmuş.
Giňär gursak.

***

Gaýtalanýar aýlar, günler, ýyllar-da,
Biz bolsa ýaşap ýörüs,
Gaýtalanmajak günlerde.

***

Durmuşy mekdep öwretsin,
Ýol ugruna böwetleri, daşlary,
Durşuna mekdep owratsyn.

***

Kä kişiniň aýdany dogry däl,
Käsınıň aýdyşy dogry däl,
Käsiniň-de aýtmagy dogry däl.

***

Italmaz
Özi gyzyl ýaly,
Sözleri almaz.

***

Ylym ösdi-ösdi...Aýa-da bardy,
Meniň bolsa mellegimde ýer depip,

El-aýagym gabardy.

***

Işläp derläp ýa-da aglap suw çykyar,
Şeýle suwy çykmadyklar
Suwjukdyr.

***

Gözi alardy,
Agzy alardy,
Yogsa alardy.

## SÖÝGI

Päkligiňi saklasaň,
Söýgi seni hor etmez.
Nämahreme bakmasaň,
Söýgi seni zar etmez.

Söýgi syrly duýgudyr,
Syryn çözmek gaýgydyr,
Duýgularyň beýgidir,
Peslere duçar etmez.

Kime ýuka öýmedir,
Kime öýke-kinedir,
Kime baky köýmedir,
Kime asla kär etmez.

Agla, yüreğim agla,
Göwnüňi bire bagla,
Şonuň bile adagla,
Başga seni ýar etmez.

***

Eý şygyrýet..
Eý, şygyrýet! Saňa sala salaýyn,
Sen wyjdanyň sesin getir bu taýa.
Taşlaýyn boş işi, ýola geleýin,
Göneneýin gulluk edip Hudaýa.

Ikarada galdym o ýer ýa bu ýer,
Beýdip gatnap ýörsem iller ne diýýer.
Ýollarda ýöredim, dökdüm nije der,
Nije pulum, wagtym bolduka zaya.

Eý, şygyrýet, eý, ylhamyň mekany!
Aç synaňy, maňa çykalga hany?
Aýralyk oduna örteme jany
Döwür atly barýar, men bolsa ýaýa.

**DEĞİŞME**

Bak, baýramlar gelýär yzly-yzyna,
Meň getirýän sowgatlarym ketdedir.
Name alsaň al gyzyňa-özüňe,
Üýşüren pullarym petde-petdedir.

Näme alsam seň göwnüňe ýaramaz,
Bolup galyan mydam bir baş çaramaz,
Hiç kim şeýle ussat aglamjyramaz,
Men yüpek getirsem, gözüň çitdedir.

İň gowusy al isläniň saýla-da,
Hem özüňe timar ber şu aynada,
Hem göwnümi aç bileje çaýla-da,
Bagtly öýden keselçilik çetdedir.

Görip bolma, hem göribe görünme,
Monça bol yör, seni söýüp ýörenme,
Baýram gelse, il baýlygna garanma,

Göripleriň ömri mydam jotdadyr.

***

Durdujyk:
- Goýnumyzam ot iýýär,
 Sygrymyzam ot iýýär
 Boýlarynyň deň däldigi
 Meni haýrana goýýar.
Berdijik:
 - Işikdäki mele sygyr,
  Goýna deň bolsa eger
   Uly göle nädip emer.

**RAZY MEN**

Eştsin gaýgy edenler,
Hemmelerden razy men.
Gül içinde tikenler,
Iňňelerden razy men.

Köpüsi-de öz hatam,
Diýip ýaşadym mydam.
Gybata etdim çydam,
Ýeňňelerden razy men.

Kate gitdim bazara,
Şübhe etdim terezä,
Hakym iýip azyrak,
Kemmelerden razy men.

Käteler düşüp gaýga,
Düşünjek boldum söýgä,
Gark bolup çuňňur duýga,
Çümmelerden razy men.

Namysymy goradym,
Nebse gaty daradym,
……………………..
Dymmalardarı razy men.

Diňläp aýdan sözümi,
Gyzartmazdan yüzümi,
Gizläp aybym, gözüni
Ýummalardan razy men.

Hakym ýok hiç bir kimde,
Hatam köp her bir işde,
Hassa halymy eşde,
Eňmelerden razy men.
Eşidiň. Ey, adamlar!
Hemmelerden razy men.

# BLOKNOTA BELLENEN BELLIKLER

## KYNÇYLYK

Ýazaýyn diýen pikirlerimi ýazman unudan gezeklerim ýadyma düşende indikime ägä bolaýyn diýen pikir kelläme gelýar. Ýöne göz bolýarmy, dil bolýarmy, bellisi yok, pikirler guş sürüsi ýaly bolup güsürdäp gelýär-de, güsürdâbem uçup gidiberyar. Soň ýazaýyn diýseňem diňe sudurlary galyar.
Ýazmaga synanýan her kimde diyen yaly bolýan bu kynçylyga iliň näme çäre tapanyna biljek däl welin, men-ä indi nirede bolsam bolayyn, ur-tut ýazmagy göwnüme düwüp ýörün.
Ýazmak nämäňe gerek diyip biri soran bolsa näme jogap berip bilerdimkäm?!
Ýazmasaň özüňe ýaranmak kyn. Gözelligi beýan etmek söýgüsi.
- İçiňe gelen hoş duýgulary iller,,bilen paýlaşmak söýgüsi.
...Eýsem, nameden başlarkam? Pikirleri tertibe salsam düşnükli, emma ýasama boljak ýaly. Könlüme gelşi ýaly ýazybersem, tebygy yöne başly-baratlygy zerarly düşnüksizrak bolmagy mümkin. Emma gowy eser ýazmak kyn. Okamagam kyn. (Okamak kyn sözi jedel edilip bilner. Yöne muny sonrak jedelleşeliň). Men elden geldigiçe tebigylygy gorap, tertibe-de saljak bolaýyn. Goý, gymmatly wagtyny sarp eden okuýjymy’ sarpasy belent bolsun. Ýalňyşlarym üçın meni bagyşlasyn.
İlki bilen göriplik hakda pikir alyşasym gelyar. Munuň özüne ýetesi sebabi bar. Görüp olursak, görüplik älem-jahan ýaradylan gününden bäri iň ilkinji dörän problema Göriplikdir. Şeýtanyn Adam Ata eden göripligi.

***

...Hemmeler bilen dost boljak bolsaň,özüň bilen dost bolup bilmersiň.

***

Prensipiallygy halaýan... ol meniň idealym... maňa nameleriň pasgel berýändigini seljermäge çalyşýaryn. Köp zat, gaty köp zat päsgel berýär... Henizem öý tapamok. Agşam nirä gitjegim näbelli. Şu mahal telefonam işlänok näme etmeli???

***

Watanymyz bir gämi, Bizem üstünde dämi?!

***

Ýaranjaňlar bar söýgüsini ýokarsyndakylara sarp edýändikleri üçin aşagyndakylara gaty birehim daraýarlar.

***

Aýdasym, ýazasym gelýän zat şeýle köp, emma haýsyndan başlajagymy bilemok... Ýazman durup bilsem, ýazmajak bolaryn. Sebäbi ýazmak jogapkärçiligi boýnuňa almak ahyry.

***

Degişmeli, ýöne göwne degişmeli däl.

***

Duýga gul adam Ýygrylsa – ýadaw, Ýylgyrsa – daýaw.

***

Agzyňam, gözüňem ýumup bolýar, gulagy näme üçin ýumup bolmaýarka? Diňlemek has zerurdygy üçin bolsa gerek.

***

Men göriplerden gorkyma ýazmagy goýdum. Däliremekden gorkyma ýazmaga başladym.

***

Diňlenmeýäniňi bileňsoň syr bildirmän geplemäňi goýmagada bir talant gerek.

***

Puluň pikirini etmek ylhamyň gapylaryna gulp asmakdyr.

***

Çäresiz adam özüne sütem etmän,alaçsyz oturman, pikirlerini ýazmaga başlasa ol güýçli yazyjy bolup bilerdi.Ynsanam nar ýaly gysylmasa, süýjisi daşaryk çykanok. (Elbetde naryň hiline we gysylyşyna hem bagly bolýar.)

***

Netijede, hiç zada garaşylman edilen ýagşylyk tüýs ýerine düşýär,ýüreklerde ýer edýär. Ýazmak hem ýagşylykdyr.

***

Edepsiz alymdan, ylymsyz edepli kişi gowudyr. Çünki ylym öwretmekden edep öwretmek has kyndyr.

***

Ýoldan çykaransoňlar niçe merdany
Ýola çykardylar ençe zenany

***

Zaman(wagt) örän gymmatly baýlygymyzdyr. Zamany özündenem gymmat zat bilen çalyşmaýan bolsak zyýýan çekýäris diýmekdir.
Zaman ömrüň başgaça adydyr. Emma zaman bir günüň içine müňlerçe güni sygdyryp biljek derejede maýşgakdyr.Şonuň üçin hem 12 ýaşly akyldaryň, 60 ýaşly-da çaganyň (smsk) bolmagy mümkindir.
Zaman hakda oýlanmaga zamany ýoklara haýpyň gelýär.

***

Gizlin düşmanlaryň boluşy ýaly, gizlin dostlar hem bardyr.

***

Hemme etmeli zadyňy edip bilmeýändigiňe gynanma, edip biljek zatlaryňyň hemmesini etmeýandigiňe gynan.